# «Neşäniň ölümi»

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Neşäniň ölümi" «NEŞÄNIŇ ÖLÜMI»




**• Ýakyn geçmişimizdäki pajygany aýtmak agyr, ýöne bilmek lazym**

Häzir Türkmenistanyň neşekeşlerden hem neşe belasyndan halas ýurtdugy dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan doly ykrar edilýär.

2000-nji ýyllaryň başlaryna-Nyýazow zamanynda Türkmenistan hakynda dünýä metbugatynda şeýle maglumatlar gaty açyk elýeterlidi: Türkmenistanda her ýyl Yslam dinine ynanýan adamlaryň mukaddes Gadyr gijesine gabatlap, azatlykdan mahrum edilen 8-10 müňe çenli adamlaryň günäsi geçilip, aminstiýa yglan edilýär. Amnistiýa düşýänleriň azyndan 80-90%-i neşekeşlik bilen bagly türmä düşenlerdi. Amnistiýa düşýänleriň arasynda ikinji, hatda üçünji gezek neşekeş bolup ýa neşe söwdasy bilen tutulyp, amnistiýa düşýänlerem az däldi.

Bäş million töweregi ilaty bolan bu ýurtda statistik maglumatlar çap edilmeýänem bolsa, neşekeşleriň sanynyň 250-300 müňden az däldigini çaklasa bolar. Şol döwürler bu maglumatlara ýalan diýmäge ýüzümiz ýokdy.

2000-nji ýylda dünýä metbugatynda Türkmenistanda neşe bahasynyň örän arzandygy-dünýä ýüzüne neşe ýaýratmagyň merkezleriniň biri hasaplanýan Owganystandan 3-4 esseden gymmat däldigi ýazylýardy.

Türkmenistanyň şol wagtky Prezidenti, häzirki Milli Lider Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Neşekeşlige garşy göreş” çäresi 2008-nji ýylda başlanyp, 2011-nji ýylyň aýagyna çenli ýurdumyzy neşekeşlik belasyndan halas etdi, bu belany düýp-teýkary bilen ýok etdi. Türkmeniň nesil genefondy (nesil tohumy) arassalandy.

Russiýanyň “Argumenti i fakty” gazeti bolsa gerek, 2011-nji ýylyň aprelinde Türkmenistan hakynda şeýle maglumat okanym ýadymda: Dünýä ýüzüne iň köp neşe ýaýradýan ýurtlaryň biri bolan Owganystan bilen serhetleşýän Türkmenistanda neşe belasynyň soňuna çykylypdyr. Owganystandan bu ýurtda neşäniň ýüz esse gymmat bolup, girdejiniň uly boljakdygyna garamazdan, neşe söwdasyny edýänler ýok diýerlik, ýek-tük neşe söwdasyny etjek bolýanlaram tizara ele salynýar eken. Edil bir-iki ýyl öňem towugyna tok diýilmedik neşe baronlary uzak möhletleýin türmede otyrlar.

2011-nji ýylyň sentýabrynda bir sebäp bilen Tejeniň bazaryna bardym. Bazarda hersi 5-6 ýaşly oglanjygy yzyna tirkäp iki sany 35-40 ýaşlaryndaky aýal adam barýardy. Oglanjyklaryň ikisem “Kakamyz bizi taşlap gitdi” diýip, ejelerine igenip barýardylar. Ol aýalllaryň biri oglanjyklara bu iňirdileri üçin gaty käýindi welin, ýanyndaky ikinji gelin öňa şeýle diýdi: “A gyz Sona, sen edil bir ýyl öň çagalaň kakasy sana goşulsa bolýar, çagalarymyzyň diňe eje diýmeginden dynyp, kaka diýenlerini eşitsem, hemme zada kaýyl diýipdiň. Indi çagalarymyz eje diýişleri ýaly kaka-da diýýär. Mes bolma gyz, şükür edeli”. Gatyrak ýöräp, ol gelinleň deňinden geçjek boldum welin, olaryň biri öz deň-duş, obadaş gelnim ekeni. Men obadaş hökmünde ol gelin bilen gysgajyk hal-ahwal soraşyp,

ýaňky sözleriniň manysyny soranymda, ol obadaş gelin şeýle diýdi: “Obadaş, meniň ýaňky sözlerimi geň görme. 1996-97-nji ýyldan şu ýylyň başyna çenli ýurdumyzam görse görendir, ýöne Tejen ili neşe belasynyň dowzahynyň nämedigini görendir. Iň bärkisi çagalarymyz şu ýylyň başyna çenli eje diýip ulanandyrlar. Çagalarymyzyň dilinden şol zamandan şu ýylyň başyna çenli kaka diýen sözler ýitdi. Hudaýa şükür, çagalarymyz ýedi-sekiz aýdan bäri kaka diýýärler. Är gazanjyny görüp başladyk. Tejende neşe belasyndan ejir çekmedik ýekeje hojalygam ýokdur, Prezidentimiz bize täzeden ýaşaýyş berdi”. Bazardan çykyp, Eziz han köçesinde ýaşaýan Allaberdi atly tanşymyň öýüne baryp, bazarda şaýat bolan wakamy gürrüň berenimde ol geň galmady. Ol gelniň aýdanlaryna diňe bir düzedişi berip şeýle diýdi: “Döwletmyrat, ol gelin Tejende neşe belasyndan ejir çekmedik ýekeje hojalygam ýokdur diýipdir, azam bolsa neşeden halas bolan hojalyklar bar. Tejeniň ondan dokuz hojalygy neşe belasynyň dowzahyny gördi diýse bolar. Ol gelniň galan aýdan sözleri dogry”.
Men şu hakykaty anyk bilýän: ABŞ-yň, Günbatar ýa Afrika ýurtlarynyň biriniň ol ýurduň syýasy gurluşynyň nähilidigine, ilatynyň azdygyna-köpdügine garamazdan, 4-5% ilaty neşebent bolan ýurdy bu agyr beladan saplasa, şol ýurduň döwlet Lideri Nobel baýragyna hödürlenip, bu iň ýokary halkara baýragyny şoňa bererdiler. 2019-njy ýylyň sentýabrynda Türkmenistandan žurnalist hökmünde Polşanyň Warşawa şäherinde geçen OBSE sammitine gatnaşyp, şol sammite gatnaşan hem meniň bilen duşuşan halkara guramalarynyň wekillerine şu pikirimi aýdanymda, olar seslerini çykarman dymdylar. Ýöne olar “Ýok, beýle däl” diýmediler”. Emma olar seniň bilen ylalaşmasalar, kiçijik meselede hem öz pikirlerini aýdýarlar.
ABŞ-yň, Günbatar ýa Afrika ýurtlarynyň birinde 4-5% ilaty neşebent bolup, bu agyr beladan saplanan bolsa, şol ýurduň ýazyjy-şahyrlarynyň biri ol pajygany hem täze döwri beýan edip, ussat dörediji adam hökmünde ykrar edilip, oňa Nobel baýragy berlerdi. Bizde bu ajaýyp uly öwrülişigi eserinde düýpli şöhlelendiren ýazyja-şahyra duşmadym. Özüni ussat dörediji hasaplap daşary ýurtda ýaşaýan türkmen ýazyjylary

ýurdumyzda neşe belasy bar wagtynda  bu agyr ýagdaýy dünýä jemgyýetçiligine ýetiren bolup, uly goh edýärdiler. Emma neşeden saplanan ýurdumyz hakynda welin näme üçin dymýarlar.  ABŞ-yň, Günbatar ýurtlarynyň Liderlerine eden işi üçin däl, indiki etjek oňyn işine umyt bildiribem Nobel baýragyny berýärler. 2009-njy ýylda ABŞ-yň şol wagtky Prezidenti Barak Obamanyň dünýäde parahatçylygy ýurtlaryň we halklaryň arasynda  dabaralandyrjagyna umyt bilen Nobel baýragyny beripdiler.

Döwletmyrat ÝAZKULYÝEW. Publisistika